# Goşgular başy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Goşgular başy

GOŞGULAR BAŞY

Bir-birine göwni ýetsin, ynsanyň,
Öz kemine bir azajyk uýalsyn,
Aklyňa bar welin, ýene goýalsyn,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Ýokarrakda bolsun gyşyk geplerden,
Döşe kakman goý öwrensin köplerden,
Öz-özüňi arassala galplardan,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Erkek erkek bolsun, aýalam aýal,
Iňňän gadymlardan gelýändir bu ýol,
Gursagynda hujuw, başynda hyýal,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Il bolsun, atyny ýeke çapmasyn,
Unutmasyn şol gadymy çatmasyn,
Ýöntemligi çendan-çakdan ötmesin,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Görogly haýbaty, hemlesi bolsun,
Goý agrasy bolsun, ýeňlesi bolsun,
Ýöne her kişiň öz kellesi bolsun,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Agzy aşa ýetse aýnaman bilýän,
Synaga salynsa ownaman bilýän,
Özüni oýnatman, oýnaman bilýän,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Geplenýän gep, edilýän iş-saz bolsun,

Ýüreklerde iman, sözde duz bolsun,
Derleýän kän, gürleýäni az bolsun,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Seniň mähekdaşyň agzybirlikdir,
Gedemlik etme, ol köre-körlükdir,
Bir baýdaga gulluk etmek ärlikdir,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Öňe gitjek bolma unudyp yzyň,
Türkanarak bolsun geliniň, gyzyň,
Bize hemaýat ber, eý Allam özüň,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Pähimiň, paýhasyň gadyryn bilýän,
Öz aslyny bilýän, pederin bilýän,
Umuman özüniň ederin bilýän,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

Bir-biriňi bagryňa bas, dogan diý,
Hemmejämiz şu toprakda doglan diý,
Gözel geljegiňde gözüm eglendi,
Şeýleräk türkmeni göresim gelýär.

* * *

Seredewer bende basjak ýeriňe,
Taňry
Görmek üçin gözi ýaratdy.
Ynsanyň gelşigi,
Durmuşyň duzy –
Şirin dili, güler ýüzi ýaratdy.

Bir adam bar – ýüz-gözüniň gary bar,
Bir adam bar – tuwagy bar, nury bar.
Bäş barmagy deň etmedik Biribar
Belent dagy, ymgyr düzi ýaratdy.

Bar zat maňa ýatladyp dur Allany:
Tomusda yssyny,

Gyşda çilläni,
Pikir öwrüp bilýän bolsaň – kelläni,
Gepläp bilýän bolsaň – sözi ýaratdy.

Kimleri ýaratdy saýramak üçin,
Kimleri ýaratdy gargamak üçin,
Ynsany haýwandan saýgarmak üçin,
Ynsaby ýaratdy, lebzi ýaratdy.

Çemen bar göwnüňi çaglamak üçin,
Ýaman bar ýagşyny aňlamak üçin,
Eý Adam,
agyňy aglamak üçin
Kadyr Alla ine bizi ýaratdy.

▶ BAHAR NAGYŞLARY

Täze güni buşlap,
bagyň içinde
Sary bilbil saýrar –
hoş owaz çykar.
Gündogarda, gözýetimden alysda,
Nurun çaýyp, tes-tegelek köz çykar.

Asman porhan bolup mukamyn çalar,
Sähralar gök öwsüp heýjana geler.
Ak sakgally goja, dünýä ýigdeler,
Ýüreklere diňe aýdym-saz çykar.

Çaýlar çasly akar, bolmaz ýadawy,
Ak güle öwrüler üljäň pudagy.
Barmaklary bilen ýapyp dodagy
Ýaşyl derwezeden gözel gyz çykar.

Bu neneňsi kamat, bu niçik didar,
Baksa, akylyndan dynar akyldar.
Gara gözler jady bolup balkyldar,
Şol gözlerden müň kereşme-näz çykar.

Ýyldyrym atylar hatarma-hatar,
Ýalkymy Magrupdan Maşryga ýeter.
Asman Ýeri gutlap, indi top atar,
Biziň ilde ine şeýdip ýaz çykar.

▶ AK GÜN DEPÄMIZDE SALLANYP DURSUN

Ownujak zatlary agzap durmalyň.
Aýlar geçip, ýyllar aýlanyp dursun.
Toýlar toýa, ýaslar ýasa meňzesin
Ak Gün depämizde sallanyp dursun.

Her paslyň ýagdaýy – rejesi bar.
Her zadyň özüniň derejesi bar.
Adamy agy bar, garajasy bar,
Ýagşylar ýamandan saýlanyp dursun.

Men kemimi öz içimde saklan däl.
Görüp durus, her diplomly lukman
däl.
Bileňokmy – bilýän diýmek hökman
däl.
Bilmeýän bilýänden öwrenip dursun.

Ýap boýunda tallar yransyn herýan,
Sülmüresin deňiz, çyrpynsyn derýä.
Sepilen tohumlar bolmasyn yrýa,
Ýaýlalar ýagmyrdan suwlanyp dursun.

Öý öýdür üzügi, durlugy bilen,
Adamy tanarlar ýerligi bilen,
Säheriň çygy dek terligi bilen,
Gyz çyksyn,
Ýigitler öýlenip dursun.

Ogullarmyz ata ýumşun bitirsin,
Her kes diňe öz ornunda otursyn,
Gelen özi bilen döwlet getirsin,
Gidenler yzyna köwlenip dursun.

Ýigit ýalňyz dogulmasyn dörände,
Hossar bolsun, dost-ýar bolsun degräňde.
Bili guşap bir tarapa ugraňda,
Işimiz mydama şowlanyp dursun.

Biderek gitmesin berlen öwütler,
Goý ýetişsin garga däl-de, bürgütler,
“Häh!” diýeňde “Mäh!” diýäýjek
ýigitler,
Çapyljak at ýaly şaýlanyp dursun.

Bolsa-da adamlar beýikli-pesli,
Maýda-ha bolmandyr türkmeniň asly.
Oguz hanyň yzy, Göroglyň nesli,
Ownama haw,
murtuň towlanyp dursun.

▶ BEDEW ATA TARYPNAMA

Aslyma guwanýan seni göremde,
Onsoň nädip saňa haýwan diýeýin?
Buýsanjyňdan ynsan alsyn görelde
Onsoň nädip saňa haýwan diýeýin.

Toýnakda ot, gerşinde-de şemal bar.
Duruşynda üýtgeşik bir kemal bar.
Bize bakýan gözlerinde sowal bar,
Nädip onsoň saňa haýwan diýeýin.

Söweş güni agyp düşsem eýerden
Aglap dursuň gidip bilmän o ýerden
Ýallaryň ýüpekden, endamyň zerden,
Nädip onsoň saňa haýwan diýeýin.

Ýüreklere ýakyn, gözlere ýyly.
Sypamaz sagryňy del kişiň eli.
Şöhradyň perzendi, namysyň guly,
Ýeri nädip saňa haýwan diýeýin.

Synlap durmak gör nähili ýakymly,
Danalar dek salyhytly, akylly,
Ölseň jaýlanýarsyň ynsan şekilli,
Nädip onsoň saňa haýwan diýeýin.

Ýat illerde nala çekýäň ýerlemän,
Wasp etmek kyn akly juda durlaman.
Goýaýaly mundan artyk gürlemän
Ýeri, nädip saňa haýwan diýeýin.

▶ WATAN SEN HAKDA

1.

Watany bir zada deňejek bolsaň
Diňe ata-enä deňemek bolar.
Ataň-enäň öňündäki borjuňam
Duýmaýany diňe geňlemek bolar.

Çöli günüň nuryn sorup ýatandyr,
Daglarynyň üstün ak gar örtendir.
Ýeke-täkdir.
Şonuň üçin Watandyr,
Ony diňe söýmek, oňlamak bolar.

Ýere siňdi näçe-näçe zürýady,
Çuňluklarda ýatyr çeken perýady.
Bolmaz balasyndan hantama zady,
Bar işi eklemek, emlemek bolar.

Bal suwy egsilmez, tükenmez nany,
Seniňkidir onuň şöhrady-şany.
Eger talap bilse bermeli jany.
Galan gepler diňe ýaňramak bolar.

2.

Eý, ezizim, hallan atyp ugruňda
Böküp turýan sen bir ýumuş buýraňda.
Uzak-uzak ülkelerde öremde

Gözüm açyp seni ýatlardym, Watan.

Hemme kişiň seni söýşi deň däldir,
Kimiňki çuň, kimleriňki çuň däldir.
Tozanyň-tozuňam ýöne çaň däldir.
Ony ýüze sylyp päklärdim, Watan.

Nesil nesle miras goýar edebi,
Babalaryň bagra basyp gideni.
Saňa ak ýurekden tagzym edeni
Duşmanym bolsa-da aklardym, Watan.

Guba sähra giňlik berýär göwnüňe,
Sen bir nusga-almaga däl, bermäge.
Alaç tapsam gül ýüzüňi görmäge
Ýeriň astyndanam jyklardym, Watan.

Görünseň gözüme gök begres geýip
Göze ýaş aýlansa görmegin aýyp.
"Şükür Alla, ýurdum aman-sag" diýip
Şondan soň arkaýyn uklardym, Watan.

▶ PERZENTLIK DUÝGUSY

Hydyr gören bu çöllerde
Meniň göbek ganym bardyr.
Diýmek, diňe şu günüm däl,
Geçip giden düýnüm bardyr.

Pikrim-zikrim saňa tabyn,
Tagzym, çölüm, ýene tagzym!
Gollaryňda aýak yzym
Depelerde synym bardyr.

Güýç synadym bilim barka,
Ojak näme-golum barka.
Şahyrana ilim barka
Şükür, şöhrat-şanym bardyr.

ýollaryň bar uzap gidýän

Ot-çöpüň bar özi bitýän.
Adam däli adam edýän
Yslam atly dinim bardyr.

Serhetiňden geçseň bir gün
Yzlar seni bogun-bogun.
Taňrym diýip sygyndygym
Ynsap atly Hanym bardyr.

Ak çägeler meniň urbam,
Watan!
Saňa başym gurban!
Goşgy bilen günüm görýän-
Iň bir halal nanym bardyr.

Dostlarym bar dumly-duşda,
Kemiň bilner irde-giçde.
Men adam men,-däl perişde,
Günä etsem müýnüm bardyr.

Arkadagym-ene mekan,
On iki süňňüm sende bekän.
Barlygyňda iň ullakan-
Adam diýen Çinim bardyr.

▶ ENE TOPRAGA BAGYŞLANAN AÝDYM

Bary ýogy üç harpdan düzülen
Ene diýen söze gurban bolaýyn.
Jahyllygyň yşky bilen gezilen
Hydyr gören düze gurban bolaýyn.

Ýaýlalary aýdym-sazly, nagmaly,
Bagty çüwen bu toprakda dogmaly,
Gyrkylyk yzyndan üsti tagmaly,
Ak alaňlar size gurban bolaýyn.

Ýapylary bardyr başy buýraly,
Sähralary ak maýaly, bugraly.

Egni gök kürteli, mahmal göwreli,
Ak çabgaly ýaza gurban bolaýyn.

Hyzmatyňa tabyn etdim özümi,
Ene bolup çekdiň meniň näzimi.
Şunça ýyllap iýip ýörüs duzuňy
Şol iýlen duza gurban bolaýyn.

Saňa nazar salanmyşyn Biribar.
Ak adyrda boz jereniň yzy bar.
Säherleriň serhoş edýän sazy bar,
Şol hüwdüli saza gurban bolaýyn.

Kem-kem daň agaryp, durlanar asman,
Ýagyş ýagar kak suwuny egismän.
Täze güni buşlap elwan öwüsýän
Şapak atly köze gurban bolaýyn.

Oýdan oýa mejnun edip tasadan
Ýigitligim, gelmezmisiň täzeden?!
Ak öýüň içinde ýaşyl küýzeden
Çal uzadan gyza gurban bolaýyn.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW.

Goşgular